# Faraply ýigidiñ gürrüñi esasynda ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Faraply ýigidiñ gürrüñi esasynda ýazylan goşgy FARAPLY ÝIGIDIÑ GÜRRÜÑI ESASYNDA ÝAZYLAN GOŞGY

Maña bu dünýäde iñ ýakyn hossar,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!
Ýortsam «Ýöre!» diýer, ýöresem gyssar,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Iş buýrulsa robot bolup etmeli,
«Ýet» diýilse ýelden ozup ýetmeli,
Çat mañlaýda çatlap dursa nätmeli,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Goýmasam-da edýän işimiñ kemin,
Asuda durmuşyñ tapamok çemin,
Ot edip üstüme üfleýär demin,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Her ädimim, her minudym derñeler,
It görse günümi çaşar, serreler,
«Haçan adam boljak?» diýip herreler;
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Gije-gündiz ýetişiksiz günde men,
Bu kysmaty özgelere ündemen,
Gök, gübürdär, «Boldy-diýsem-indi» men,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Oýunlyga salyp döşüme kakýar,
Ýylgyrsam, ýumrugy dişime kakýar,
Göwni ýetmän eden işimi bakýar,
işde – naçalnigim, öýde – aýalym!

Aýalym naçalnik dogrymy diýsem,
Öz elim, öz ýakam ýigrensem, söýsem,
Heý, maňa ýamanlyk edermi eýsem,
işde — naçalnigim, öýde — aýalym!

Abdyreşit TAŞOW. Goşgular